***Häzirki wagtda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy we Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli geçirilýän milli hem-de halkara derejeli çärelere, maslahatlara ählihalk derejesinde taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny we ugurdaş çäreleri guramaçylykly hem-de ýokary derejede geçirmek barada taryhy Karara gol çekmegi hem ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, döredijilikli syýasatynyň özboluşly dabaralanmasydyr.***

Soňky ýyllarda Türkmenistan dürli ugurlar boýunça giň möçberli forumlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Olaryň guramaçylyk we taýýarlyk işleri örän ýokary derejede alnyp barylýar. Bu köpýyllyk tejribäniň netijesidir. Awazada 2022-nji ýylyň awgustynda-da Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahat üstünlikli geçirilipdi. «Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny goldamak arkaly ösüşe ýardam bermek» atly mowzukda şu ýylyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda geçirilmegi meýilleşdirilýän forum bolsa BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler babatda her 10 ýyldan bir gezek guraýan maslahatlarynyň üçünjisidir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan oňa ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Ýokary okuw mekdepleriniň daşary ýurt dillerini bilýän talyplaryndan meýletinçiler taýýarlanylýar. Forum birnäçe möhüm çäreleri öz içine alar. Maslahata Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň hem gatnaşmagyna garaşylýar. Munuň özi bilelikdäki tagallalary talap edýän ugurlar boýunça ýurdumyzyň başlangyçlaryna uly hormat bilen garalýandygyny görkezýär.

Gahryman Arkadagymyzyň Balkan welaýatyna amala aşyran iş saparynyň barşynda bu forumy ýokary guramaçylykly geçirmek bilen bagly beren tabşyryklary onuň taýýarlyk işlerinde möhüm ähmiýete eýe boldy. Bu halkara forum deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmaga, sebitara we halkara söwda gatnaşyklaryny giňeltmäge ýardam eder. Şeýle möhüm ähmiýetli halkara forumlarda Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlar häzirki zamanyň derwaýys meseleleri boýunça halkara derejede alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň ilerlemegine, gyzyklanýan taraplaryň arasynda gatnaşyklary guramakda täzeçil, netijeli çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga itergi berýär, halkara guramalaryň we döwletleriň gatnaşmagynda ählumumy we sebitleýin hyzmatdaşlygyň amala aşyrylmagyny üpjün edýär.

**Jahantäç GURBANGYLYJOWA,**
**Aýläle HEMRANAZAROWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyplary.**

Все права защищены